Raýatsyzlygy azaltmak hakynda Konwensiýa

1961-nji ýylyň 30-njy awgustynda Baş Assambleýanyň, 1959-njy ýylda we 1954-nji ýylyň 4-nji dekabryndaky 896 (IÄ) rezolýusiýasyna laýyklykda,
1961-nji ýylda täze çagyrylan doly ygtyýarly wekilleriň maslahatynda kabul edildi.
1975-nji ýylyň 13-nji dekabrynda 18-nji madda laýyklykda güýje girdi.

Ylalaşýan döwletler,
Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1954-nji ýylyň 4-nji dekabrynda kabul edilen 896 (IÄ) rezolýusiýasyny *ýerine ýetirmekden ugur alyp,*

halkara ylalaşygy bilen raýatsyzlygy azaltmagyň zerurdygyny *ykrar edip,*

aşakdakylar barada *ylalaşyga geldiler*:

1-nji madda

1. Ylalaşýan döwletleriň islendigi öz çäklerinde doglan islendik adama öz raýatlygyny bermelidir, ýogsam ol apatrid bolardy. Şonuň ýaly raýatlyk:

a) doglan wagty kanuna laýyklykda, ýa-da

b) degişli häkimiýet edarasyna degişli adam tarapyndan ýa-da onuň adyndan milli kanunçylykda bellenilen tertipde ýüz tutanda, şu maddanyň 2-nji böleginiň karary berjaý edilende, şeýle haýyşnama kanagatlandyrylman, galdyrylyp bilinmez.

Ylalaşýan döwletleriň islendigi eger maddanyň şu böleginiň 6 bölümçesine laýyklykda öz raýatlygyny bermegi göz öňünde tutýan bolsa öz raýatlygyny kanun boýunça näçe ýaşynda, nähili şertlerde bermelidigini milli kanunçylyga laýyklykda kesgitläp biler.

2. Ylalaşýan döwletleriň islendigi öz raýatlygyny bermekde şu maddanyň 1-nji böleginiň b) bölümçesine görä bir ýa-da birnäçe şerti goýup biler:

a) raýatlygy almak üçin haýyşnama bilen ýüz tutmagyň möhleti Ylalaşýan döwletler tarapyndan bellenilmelidir. Ol möhlet degişli adam on sekiz ýaşandan gijä galmanka başlanýar we 21 ýaşdan ir gutarmagy däldir. Şeýlelikde, raýatlyk almak isleýän adama kanun taýdan rugsat almazdan, haýyşnama bilen ýüz tutmak üçin bolmanda 1ýyl möhlet berilmelidir.

b) raýatlygy almak isleýän adam Ylalaşýan döwletiň çäginde şu döwlet tarapyndan kesgitlenilen möhletde ýaşan bolmalydyr, ýöne bellenilen möhlet 5 ýyldan köp bolmaly däldir. Şol möhlet haýyşnama bilen ýüz tutulmagynyň öň ýanynda üznüksiz gelýän 5 ýyl bolmalydyr, emma umumy bellenilen möhlet 10 ýyldan artyk bolmaly däldir.

c) degişli adam kazyýet tarapyndan döwlet howpsuzlygyna garşy jenaýatda aýyplanyp, günäkär hasap edilen ýa-da jenaýat jogapkärçiligi boýunça 5 ýyl we ondan ýokary möhlete azatlykdan mahrum edilen bolmaly däldir.

d) Degişli adam hemişe apatrid bolmalydyr.

3) Şu maddanyň 1-nji böleginiň we 2-nji böleginiň b) bölümçesiniň kararyna seretmezden, Ylalaşýan döwletiň çäginde nikada bolan adamlardan doglan bolsa hem-de onuň ejesi şol döwletiň raýaty bolsa onda degişli adam doglan wagty raýatlygy alýar, ýogsam ol apatrid bolardy.

4) Ylalaşýan döwletleriñ islendigi Ylalaşýan döwletleriñ birinde doglan, ýöne raýatlyk almak barada ýüz tutmaga degişli bolan ýaşdan çykandygy sebäpli ýa-da şol ýurtda ýaşamagyñ şertlerini berjaý etmänligi sebäpli raýatlygy alyp bilmedik we şonuñ üçin hem apatrid bolmak ahmallygy bolan islendik adama, eger onuñ ene-atasynyñ haýsy hem bolsa biri ýokarda görkezilen Ylalaşýän döwletleriñ biriniñ raýatlygynda duran bolsa, onda şol adama öz raýatlygyny bermelidir. Eger onuñ ene-atasynyñ her haýsy aýry – aýry döwletleriñ raýatlary bolup durýan bolsalar, onda degişli adamy ene-atasynyñ haýsy biriniñ raýatlygyny almalydygy baradaky mesele Ylalaşýan döwletleriñ milli kanunçylygyna laýyklykda çözülýär. Şonuñ ýaly raýatlygy almak üçin ygtyýarly häkimiýet edaralaryna ýüz tutmaly bolsa, degişli adam ýa-da onuñ adyndan başga biri şol milli kanunda belleninen tertibe laýyklykda ýüz tutýar. Şu maddanyñ 5-nji bölegi berjaý edilen halatynda, şeýle haýyşnama inkär edilip bilinmez.

5) Ylalaşýan döwlet öz raýatlygyny berende şu maddanyñ 4-nji böleginiñ kararlaryna laýyklykda bir ýa-da birnäçe şertleri goýup biler:

a) raýatlyk almak üçin haýyşnama berýän adam Ylalaşýan döwletiñ kesgitlän ýaşyna ýeten bolmalydyr we onuñ ýaşy 23-den az bolmaly däldir;

b) degişli adam adatça, Ylalaşýan döwletiñ çäginde şol döwletiñ kesgitlän möhletini ýaşamalydyr we ol möhlet raýatlyk almak üçin haýyşnama berlenden öñ, üznüksiz 3 ýyldan az bolmaly däldir.

c) Ýüz tutýan adam hemişe apatrid bolmalydyr.

2-nji madda

Ylalaşýan döwletiñ çäginde taşlanan çaga (doglan wagty ene-atasy tarapyndan goýlup gidilen) garşylyklaýyn deliller bolmasa, onda ol şol döwletde we şol döwletiñ raýatlary bolan ene-atadan doglan hasap edilýär.

3-nji madda

Ylalaşýan döwletleriñ borçlaryny kesgitlemek üçin şu Konwensiýa laýyklykda, gämide ýa-da uçarda doglan çaga şol gämi haýsy döwletiñ baýdagy astynda iş alyp barýan bolsa ýa-da uçar haýsy döwletde bellige alnan bolsa, çaga şol döwletiñ çäginde doglan hasap edilýär.

4-nji madda

1. Ylalaşýan döwletleriñ islendigi öz çäginde doglan çaganyñ ene-atasynyň haýsam bolsa biri çaga doglan wagty şol döwletiñ raýaty bolan bolsa, döwlet ol çaga öz raýatlygyny bermelidir, ýogsam ol apatrid bolardy. Eger-de çaganyñ doglan wagty ene-atasynyñ her haýsy üýtgeşik döwletiñ raýatlary bolan bolsalar, onda ol çaga enesiniñ ýa-da atasynyñ raýatlygyny almalydygy baradaky mesele degişli döwletiñ milli kanunçylygy esasynda çözülýär. Raýatlyk bermek şu bölüme laýyklykda şeýle amala aşyrylýar.

a) doglan wagty kanuny esasda ýa-da
b) häkimýetiñ ygtyýarly edaralaryna degişli adam ýa-da onuñ adyndan haýyşnama bilen ýüz tutulanda şu maddanyñ ikinji bölüminiñ kararlary berjaý edilende, şeýle haýyşnama kanagatlandyrylman bilinmez.

2. Ylalaşýan döwletleriñ her biri öz raýatlygyny berende şu maddanyñ birinji bölegine laýyklykda, bir ýa-da birnäçe şertleri goýup biler:

a) degişli adam tarapyndan raýatlyk almak üçin haýyşnama berlende, Ylalaşýan döwletiñ kesgitlän ýaş çägine ýetmelidir, ýöne ýaşy 23-den kiçi bolmadyk şert bilen;

b) degişli adam adatça, Ylalaşýan döwletiñ çäginde şol döwletiñ kesgitlän möhletini haýyşnama berilmezden, ozalky ýyllarda üznüksiz ýaşan bolmaly, ýöne ol 3 ýyldan artyk bolmaly däldir.

c) degişli adam kazyýet tarapyndan döwlet howpsuzlygyna garşy jenaýat etdi diýlip günälenen bolmagy däldir.

d) degişli adam hemişe apatrid bolmalydyr.

5-nji madda

1. Eger Ylalaşýan döwletleriñ haýsydyr biriniñ kanuny degişli adamyñ hukuk ýagdaýynda üýtgeşmeler bolmagy-nikalaşmagy, nikanyñ bozulmagy, kanunlaşmagy, ykrar edilmegi ýa-da ogullyga alynmagy netijesinde, raýatlygyñ ýitirilmegi göz öñünde tutulýan bolsa, onda bu başga raýatlyga girmek ýa-da başga raýatlygy täzeden almak bilen şertlenmelidir.

2. Eger Ylalaşýan döwletleriñ haýsydyr biriniñ kanunyna laýyklykda, nikadan daşary doglan çaga atasynyñ kimdiginiñ anyklanmagy netijesinde, şol döwletiñ raýatlygyny ýitiren bolsa, ony häkimýetiñ ygtyýarly edaralaryna ýazmaça ýüz tutmagy bilen raýatlygyny dikletmäge mümkinçilik bermelidir. |ol haýyşnamany düzgünleşdirýän şertler şu Kanunyñ 1-nji maddasynyñ 2-nji bölegindäki şertlerden agyr bolmaly däldir.

6-nji madda

Ylalaşýan döwletleriñ haýsydyr biriniñ kanuny haýsydyr bir adamyñ şol döwletiñ raýatlygyny ýitirendigi sebäpli, onuñ aýalynyñ (adamsynyñ) ýa-da çagalarynyñ hem raýatlygyny ýitirýändigini göz öñünde tutýan bolsa, onda şol adamlaryñ başga raýatlygy alyp galmagy ýa-da täzeden raýatlygy almagy bilen şertlendirilmelidir.

7-nji madda

1. a) Eger Ylalaşýan döwletleriñ haýsydyr biriniñ kanuny raýatlykdan ýüz döndürmäge ygtyýar berýän bolsa şeýle ýüz döndürmek eger degişli adamyñ başga raýatlygy bolmasa ýa-da täze raýatlyga geçmeýän bolsa, raýatlykdan mahrum edilmegine ýol berilmeli däldir.

b) şu bölümiñ a) bölümçesiniñ kararlary Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Assambleýasy tarapyndan 1948-nji ýylyñ 10-njy dekabrynda kabul edilen Adam hukuklarynyñ ähliumumy Jarnamasynyñ 13-14-nji maddasynda beýan edilýän ýörelgelere ters gelýän bolsa, olar ulanylmaýar.

2. Ylalaşýan döwletiñ raýaty başga ýurduñ raýaty bolmak islese, şol raýatlygy alýança ýa-da raýatlyk beriljekdigi baradaky çynlakaý ynandyrmalary alýança, öñki raýatlygyny ýitirmeýär.

3. Şu maddanyñ 4-5-nji bölekleriniñ kararlarynda göz öñünde tutulýan kadadan çykmalar esasynda Ylalaşýan döwletiñ raýaty ýurtdan çykyp, başga döwletde ýaşan wagtynda bellige alynmandygy ýa-da ýene şeýle sebäplere görä raýatlygyny ýitirip, apatrid bolup bilmez.

4) Täzelikde raýatlygy alan adam degişli Ylalaşýan döwletiň kanunynda bellenilen möhletde daşary ýurtda ýaşandygy sebäpli, öz raýatlygyny ýitirip biler. Şol möhlet ýedi ýyldan az bolmaly däldir we ol adam şol döwrüň dowamynda degişli edaralara öz raýatlygyny saklamak isleýändigi barada ýüz tutan ýagdaýynda ol raýatlygyny saklap biler.

5) Ylalaşýan döwletleriň haýsydyr biriniň raýaty şol döwletiň çäginden daşarda doglan bolsa, onda şol döwletiň kanuny boýunça degişli adam şu döwletiň çäginde ýaşamak hem-de degişli edarada bellige durmak şerti bilen bir ýylyň dowamynda öz raýatlygyny saklap biler.

6) Şu maddada görkezilenden başga ýagdaýlarda, Ylalaşýan döwletleriň hiç biriniň raýaty, eger şeýle ýagdaý ol adamy apatridlik derejesine eltýän bolsa, hatda şu Konwensiýanyň hiç bir karary bilen gönüden-göni gadagan edilmedigem bolsa, ol raýatlygyny ýitirip bilmez.

8-nji madda

1. Ylalaşýan döwletleriň hiç biri, eger şu ýagdaý degişli adamy apatridlik derejesine düşürýän bolsa, ony öz raýatlygyndan mahrum edip bilmez.

2. Ylalaşýan döwletleriň islendigi islendik adamy şu maddanyň 1-nji bölegine garamazdan, raýatlykdan şu ýagdaýlarda mahrum edip biler:

a) raýatlygyň ýitirilmegi 7-nji maddanyň 4-5-nji böleklerine laýyklykda, amala aşyrylanda:

b) eger raýatlyk ýalan maglumatlar berilmegi ýa-da aldaw bilen alynan bolsa.

3. Şu maddanyň 1-nji böleginiň kararyna garamazdan, Ylalaşýan döwletleriň islendigi şu Karara gol çekende, ratifikasiýa edende ýa-da goşulyşanda şol wagt milli kanunçylygynda göz öňünde tutulan esaslanmalaryň biri ýa-da birnäçesi boýunça islendik adamy öz raýatlygyndan mahrum etmek hukugyna eýedigini ýörite görkezen ýagdaýynda aşakdakylara hukugy bardyr:

a) Şu Ylalaşýan döwletlere wepaly bolmak baradaky borçlaryna garamazdan, degişli adam,

i) şu Ylalaşýan döwletiň gönüden-göni gadagan edýändigini äsgermezlik edip, başga döwlete hyzmat edipdir we etmegini dowam etdirýär, başga döwletden pul alypdyr ýa-da almagyny dowam etdirýär,

ii) onuň özüni şeýle alyp barşy, şol döwletiň bähbitlerine çynlakaý zyýan ýetirýär;

b) degişli adam başga bir döwlete wepaly boljakdygy barada kasam edende ýa-da başga döwlete wepaly boljakdygyny dil üsti bilen beýan edende, ýa-da Ylalaşýan döwlete wepaly bolmakdan ýüz öwürýändiginiň anyk subutnamalary bolan ýagdaýynda.

4. Ylalaşýan döwletleriň hiç biri şu maddanyň 2-nji ýa-da 3-nji bölümlerine laýyklykda, ýol berilýän ýagdaý boýunça raýatlykdan mahrum etmek hukugyna degişli adamyň şu işiň adalatly görülmegi üçin kazyýete ýa-da başga garaşsyz gurama ýüz tutmak baradaky kanunynyň üstünden ätläp, amala aşyryp bilmez.

9-nji madda

Ylalaşýan döwletleriň hiç biri bir adamy ýa-da bir topar adamy jynsy, gelip çykyşy, dini we syýasy garaýyşlary esaslarda raýatlykdan mahrum edip bilmez.

10-njy madda

Ylalaşýan döwletleriň arasynda döwlet çäklerini üýtgetmek baradaky islendik halkara şertnamasynda şeýle üýtgeşmeleriň hiç bir adamy raýatlykdan mahrum edip apatridlige eltmejekdigi barada karar görkezilmelidir. Ylalaşýan döwletleriň islendigi şu Konwensiýa gatnaşmaýan döwletler bilen şonuň ýaly halkara şertnamasyny baglaşanda şol şertnamada şeýle kararyň görkezilmegi üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmelidir.

Eger şeýle kararlar görkezilmese, Ylalaşýan döwletleriň islendigi başga döwletiň bir bölegi, çägi özüne berlende ýa-da ony başga ýol bilen alanda adamlaryň islendigine öz raýatlygyny bermelidirler, ýogsam olar çäkler şeýle alyş-çalyş edilende apatrid bolardylar.

11-nji madda

Ylalaşýan döwletler mümkin boldugyça, ýakyn wagtlarda 6-njy ratifikasiýa resminamasy ýa-da goşulyşmak hakyndaky resminamalar tassyklanan soň, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde şu Konwensiýanyň esasynda, haýsydyr bir ýeňillikleri talap edýän adamlaryň şol talaplaryň ýerine ýetirilmegi baradaky haýyşlaryny häkimiýet edaralaryna ýetirilmegine goldaw berjek guramanyň döredilmegine ýardam etmelidirler.

12-nji madda

1-nji maddanyň 1-nji böleginde ýa-da şu Konwensiýanyň 4-nji maddasynda göz öňünde tutulyşy ýaly, Kanuna görä çaga doglan wagty öz raýatlygyny bermeýän döwletler babatynda 1-nji maddanyň 1-nji bölüminiň ýa-da 4-nji maddanyň kararlary şu Konwensiýa güýje girmezinden ozal we soň doglan adamlara degişlidir.

2. Şu Konwensiýanyň 1-nji maddasynyň 4-nji böleginiň kararlary ol güýje gireninden öň we soň dogulan adamlara degişlidir.

3. Şu Konwensiýanyň 2-nji maddasy diňe Ylalaşýan döwletleriň islendiginiň çäklerinde ene-atasy tarapyndan taşlanan giden çagalara – tapylanlara şu Konwensiýa degişli döwletde güýje girenden soň degişlidir.

13-nji madda

Şu Konwensiýa raýatsyzlygy azaltmaga ýardam edýän islendik karara hem-de Ylalaşýan döwletiň hereket edýän kanunynda ýa-da haýsydyr bir Konwensiýada halkara şertnamasynda we ylalaşyklarda Ylalaşýan döwletleriň ikisi ýa-da ondan hem köpüsi üçin güýji bolan kararlaryň, kadalaryň ýoýulmagyna ýol berýän usul bilen düşündirilmeli däldir.

14-nji madda

Şu Konwensiýany düşündirmek we ulanmak boýunça Ylalaşýan döwletleriň arasyndaky islendik jedeller başgaça çözüp bolmadyk ýagdaýynda jedele gatnaşýan islendik bir tarapyň talaby boýunça Halkara Kazyýetine berilýär.

15-nji madda

Şu Konwensiýanyň Ylalaşýan döwletleriň haýsydyr biriniň şol çäkleriň halkara gatnaşyklary meselelerine jogap berýän öz-özüni dolandyrmaýan, hemaýatkärlikde ýa-da koloniýada bolan we beýleki çäklerde güýji bardyr.

Ylalaşýan degişli döwlet şu maddanyň 2-nji böleginiň kararlaryna ters gelmeýändigi sebäpli, Konwensiýa gol çekilende, ratifikasiýa edilende ýa-da goşulyşylanda şu Konwensiýanyň **ipso facto** güýji ýaýradyljak öz döwletlerinden daşarda ýerleşýän çägi we çäkleri görkezmelidir.

2. Islendik ýagdaýda hem mesele raýatlyk hakynda bolanda metropoliýadan daşardaky çäkler (kolonniýalar) metropoliýa bilen bitewi hasap edilmänsoň, metropoliýada daşardaky çäkleriň häkimiýetleriniň deslapky razylygy zerur bolan islendik ýagdaýda, Ylalaşýan döwletiň ýa-da metropoliýadan daşky çäkleriň esasy kanunlaryna we tejribesine laýyklykda, şu Konwensiýanyň düzgünleriniň we talaplarynyň şol çäklerde ýaýradylmagy üçin Ylalaşýan döwlet özüniň şu Konwensiýa gol çeken gününden başlap, 12 aý möhletde metropoliýadan daşky çägiň ygtyýarly adamlarynyň razyçylygyny almak üçin zerur çäreleri görmelidir we şeýle razylygy alandan soňra, Ylalaşýan döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary ny habardar

etmelidir. Baş sekretar şol habary alan gününden başlap, habarda görkezilen çäkde we çäklerde şu Konwensiýanyň güýji hereket edip başlaýar.

3. Şu maddanyň 2-nji bölüminde görkezilişi ýaly, 12 aý möhlet geçensoň, metrolopoliýadan daşgary çäkleriň halkara gatnaşyklary üçin jogap berýän degişli Ylalaşýan döwletler şol çäkleriň häkimiýetleri bilen geçirilen geňeşleriň netijesinde, şu Konwensiýanyň güýjüniň şol çäklere ýaýradylmagy barada razylyk alynmandygyny Baş Sekretara habar etmelidirler.

16-nji madda

1. Şu Konwensiýa Sekretary Merkezi edaralarynda 1961-nji ýylyň 30-njy awgustyndan 1962-nji ýylyň 31-nji maýyna çenli gol çekmek üçin açykdyr.

2. Şu Konwensiýa aşakdaky döwletleriň adyndan gol çekmek üçin açykdyr:

a) Birleşen Milletler Guramasynyñ agzasy bolan islendik döwlet:
b) Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan gelejekde raýatsyzlygy ýok etmek we azaltmak boýunça Konwensiýa gatnaşmaga çagyrylan islendik döwlet;
c) Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Assambleýasy tarapyndan şu Konwensiýa gol çekmek we oňa goşulyşmak üçin çagyrylan islendik döwlet;
3. Şu Konwensiýa ratifikasiýa edilýär we ratifikasiýa resminamalary Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş sekretary tarapyndan tassyklanýar we şol ýerde saklanylýar.

4. Şu Konwensiýa şu maddanyň 7-nji bölüminde görkezilen döwletlere goşulyşmak üçin açykdyr. Goşulyşmak Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretary nyň edarasynda goşulyşmak hakyndaky resminamalaryň tassyklanmagy bilen amala aşyrylýar.

17-nji madda

1. Gol çekilende, ratifikasiýa edilende ýa-da goşulşylanda islendik döwlet 11, 14 ýa-da 15-nji maddalara belliklerini edip biler.

2. Şu Konwensiýa başga hiç hili bellik edilmegine ýol berilmeýär.

18-nji madda

1. Şu Konwensiýa altynjy ratifikasiýa resminamalary ýa-da goşulyşmak hakyndaky resminamalar hasaba alnandan we tassyklanandan soň, iki ýyldan güýje giriýär.

2. Şu Konwensiýany ratifikasiýa edýän ýa-da oňa goşulyşýan her bir döwlet üçin altynjy resminamalary ýa-da goşulyşmak hakyndaky resminama hasaba alynandan we tassyklanandan soň, degişli döwlet tarapyndan hem öz ratifikasiýa resminamalary we goşulyşmak hakyndaky resminamalary tassyklanandan soň, togsanynjy gün ýa-da şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda, haýsy senäniň giç gelşi bilen baglylykda, Konwensiýanyň güýje giren güni hereket edip başlaýar.

19-njy madda

1. Ylalaşýan döwletleriň islendigi Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretary ny hat üsti bilen habardar etmek arkaly öz çäklerinde şu Konwensiýanyň güýjüni ýatyryp biler. Bu ýagdaý Baş Sekretar şol habary alandan 1 ýyl geçensoň güýje giriýär.

2. 15-nji maddanyň kararlaryna laýyklykda, şu Konwensiýa Ylalaşýan döwletleriň haýsydyr biriniň metropoliýadan daşgary çägine ýaýran ýagdaýynda, şondan soň, döwlet degişli çägiň razylygyny alyp, Birleşen Milletler Guramasynyñ Baş Sekretary ny habardar etmek bilen şol aýry çäkde Konwensiýanyň güýjüni ýatyrmak hakyndaky meseläni goýup biler. Baş Sekretar bu

habar barada we onuň gelip gowşan güni barada beýleki Ylalaşýan döwletleriň ählisine habar berýär. Baş Sekretar şol habar alandan bir ýyl soň şeýle ýagdaý güýje girýär.

20-nji madda

1. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolan ähli döwletlere we bu guramanyň agzasy bolmadyk, 16-njy maddada görkezilen döwletlere aşakdaky ýagdaýlar barada habar berýär:

a) gol çekmek, ratifikasiýa etmek we 16-njy madda laýyklykda, goşulyşmalar hakynda;

b) 17-nji madda laýyklykda, edilen bellikler hakynda;

c) 18-nji madda laýyklykda, şu Konwensiýanyň güýje girýän güni hakynda;

d) 19-njy madda laýyklykda, Konwensiýanyň güýjüniň ýatyrylyşy hakynda.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baň sekretary altynjy ratifikasiýa resminamalara ýa-da goşulyşmak hakyndaky resminamalar hasaba alynan we tassyklanan gününden gijä galman, 11-nji madda laýyklykda onda görkezilen edaranyň döredilmegi baradaky meselä Baş Assambleýanyň ünsüni çekýär.

21-nji madda

Şu Konwensiýa güýje giren güni Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan bellige alynýar.

Beýan edilenleri tassyklaýandyklary hakynda aşakda goluny goýan doly ygtyýarly wekiller şu Konwensiýa gol çekdiler.

Bir müň dokuz ýüz altmyş birinji ýylyň otuzynjy awgustynda güni Nýu-Ýork şäherinde bir nusgalykda - iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerinde düzülip, olaryň hemmesi birmeňzeşdir. Bu resminama saklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine tabşyrylar we tassyklanan nusgalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan şu guramanyň ähli agzalaryna we şu Konwensiýanyň 16-njy maddasynda görkezilen Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygynda durmaýan döwletlerine iberiler.